# Söýýän bolsañ, diñle!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Söýýän bolsañ, diñle! SÖÝÝÄN BOLSAÑ, DIÑLE!

Duýgularmy depeleme, haýyşym,
Söýýän bolsañ, çyn ýürekden sözle sen!
Gözden ýitenimde kölege deýin,
Söýýän bolsañ, giden ýolum yzla sen!

Göwnümi ynjytma, başarsañ meniñ,
Söýseñ, ýaman gözden gora sen meni.
Söýgiñ çyndan bolsun, ýürekden bolsun,
Ýalan däl, päklikde aýap söý meni.

Söýgi sözüñ seçip ýörme ýerliksiz,
Söýen ýüregiñde ýeke söz bolsun!
Eger meni söýýän bolsañ, ezizim,
Ýüregiñ ömürlik meñ bilen galsyn!

- **«YLHAM» SEÝILGÄHI**

«Ylham» seýilgähi durşuna gudrat,
Çyralar däl, munda söýgi ýanyp dur.
Ylham bedewine atlanyp, ylla,
Hut ylhamyñ özi ýere gonupdyr.

Batly çüwdürimler atylýar göge,
Merjen damjalary bir ajap lira.
Şahyrlar, danalar parasat bolup,
Buýsanç bolup bakyp otyr ertire.

Ýaşyl barlyk ak mermere sepleşip,
Ylham ganatynda söýgi getirsin.
Beýik Arkadagyñ «Ylham» peşgeşi,
Türkmen şygryýetin dünýä ýetirsin.

- **ÝAGYŞ ÝAGÝAR**

Suw-sil eýläp bütin älem-jahany,
Öňküsinden görklenipdir bahary.
Ýagyş ýagýar, däli-porhan boluplar,
Şeýdip-şeýdip için dökýär bulutlar.

Ýyldyrymlar at çapdyryp asmanda,
Zähresini ýaryp ezlen gijäniň,
Otly gyljyn saga-sola aýlaýar,
Zire-zire böwsüp bulutlaň donun.

Ýagyş ýagýar barha-barha bat alyp,
Damjalar dür monjuk bolup paýraýar.
Ýagşyň zülplerinden hiňňildik uçup,
Şemal şuwlap, öz dilinde saýraýar.

Men seredip durun ýagşyň ýagşyna,
Tisgindirýär ýyldyrymlaň şowhuny.
Aşyk bolup ak baharam roýuna,
Arşyň ak çapary atýar owsuny.

Ýagyş ýagýar, ýagýar bereket bolup,
Behişdi şäherler joşýar, gülleýär.
Basymrak daň atsa, ak ýagyş siňen
Gülli baýyrlarda ylgasym gelýär.

Bahar TOSYÝEWA.

«Nesil» gazeti, 2008 ý. Goşgular